## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1376** **S. Toýlyýew hakynda**

**Separdurdy Toýlyýewi** Türkmenistanyň Syýahatçylyk we sport baradaky döwlet komitetiniň başlygy wezipesine belläp, ony Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Saglygy goraýyş bölüminiň müdiri wezipesinden boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 08-i.*
*№ PP-5797*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1377** **A. A. Repow hakynda**

**Amanmuhammet Amanmämmedowiç Repowy,** başga işe geçmegi sebäpli, «Türkmenistan» gazetiniň baş redaktory wezipesinden boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 08-i.*
*№ PP-5798*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1378** **A. Ş. Poladow hakynda**

**Annamyrat Şamyradowiç Poladowy** «Türkmenistan» gazetiniň baş redaktory wezipesine belläp, ony Türkmen döwlet habarlar gullugynyň başlygynyň orunbasary wezipesinden boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 08-i.*
*№ PP-5799*



## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1379** **Türkmen döwlet maliýe institutyny döretmek hakynda**

Täze galkynyş eýýamynda ýurdumyzy ösdürmegiň maliýe-ykdysady strategiýasyny işläp düzmek we durmuşa geçirmek, maliýe-ykdysady ulgamynda dolandyryşyň hilini gowulandyrmak üçin maliýe ugry boýunça hünärmenleri taýýarlamagyň derejesini has-da ýokarlandyrmak maksady bilen, **karar edýärin;**

1. Türkmen döwlet maliýe institutyny döretmeli.

2. Türkmen döwlet maliýe institutyny Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň garamagyna bermeli.

3. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi Türkmen döwlet maliýe institutyny saklamak üçin zerur çykdajylar bilen bagly üýtgetmeleri 2011-nji ýyl üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetine girizmeli.

4. Şu Permanyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary, Ylymlar akademiýasynyň prezidenti G. Mezilow, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary A. Goçyýew, Türkmenistanyň Maliýe ministri D. Sadykow, Türkmenistanyň Bilim ministri G. Mämmedowa hem-de Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy B. Atdaýew gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 08-i.*
*№ PP-5800*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1380** **Ö. Işangulyýew hakynda**

**Öwezgeldi Işangulyýewi** Türkmen döwlet maliýe institutynyň rektory wezipesine belläp, ony Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň ylmy işler boýunça prorektory wezipesinden boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 08-i.*
*№ PP-5801*